# Şypa ber

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025

Şypa ber Bu çölde rehm eýle garyp halyma,
Älemni ýaratgan, Subhan, şypa ber!
Çoh yzaly, dertli şirin janyma,
Ýa, Mustafa fahry-jahan, şypa ber!

On iki ymam, bir-birinden serwer,
Ýedi weli, ýaran bolup, medet ber,
Meşhet, Gara Baba, ýa Şeýs Pygamber,
Hasan, Hüseýn, Şahymerdan, şypa ber!

Nuh Pygamber, nazar eýle bir nepes,
Ömrümi bihuda geçirdim-ebes,
Zäkäriýa Pygamber, ýa, Hyzyr, Ylýas,
Kowus, Kyýas, Musa, Ymran, şypa ber!

Ybrahymyň jandan aýryldy taby,
Käbä baran hajy, tapar sogaby,
Gara Älem Baba, ýa Halat nebi,
Gözli ata, Baba Selman, şypa ber!

Ogul döwletini bermän eýesi,
Yzynda bir nyşan ýokdur näwäsi,
Döw periniň, ynsyň-jynsyň patşasy,
Soltan bolan şa Süleýman, şypa ber!

Özüň dogry düzle, ýa Rebbim Jelil,
Barçanyň ryzkyna özüň sen kepil,
Ýa Dawut, ýa Jirjis, Ybraýym Halyl,
Ebubekr, Omar, Osman, şypa ber!

Dat eýläp, dilimden kyldym pyganlar,
Ýaş ýerine akdy gözümden ganlar,
Horezm ýurdunda ýatan jananlar,

Ismi Mahmyt-Är Pälwan, şypa ber!

Möwlam, ýetir mesgenime, ýurduma,
Ýüzüm düşsün arslanyma, gurduma,
Magtymguly aýdar, meniň derdime,
Dünýäniň tebibi-lukman şypa ber!

Hezreti Magtymguly Pyragy. Goşgular